# Ýelharazlar ýyrtyjy guşlary öldürýär

Category: Haýwanat dünýäsi,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýelharazlar ýyrtyjy guşlary öldürýär ÝELHARAZLAR ÝYRTYJY GUŞLARY ÖLDÜRÝÄR

Ýel bilen işleýän turbinalar (ветрогенератор – ýelharazlar) arassa ekosistema we arzan elektrik üpjünçiligi üçin gymmatly alternatiw energetika çeşmesidir. Ýöne soňky geçirilen barlaglaryň netijesi ýelharazlaryň ýerleşýän sebtinde guşlaryň birnäçe görnüşine ölüm howpuny salýandygyny görkezdi.
Eýýämhaçandan bäri ýelharazlaryň guşlar üçin howpludygyny bilýäris. Adaty ýelharazyň biri ýylda müňlerçe guşuň ölümine sebäp bolup bilýär. Hususanam bürgütdir laçyn ýaly uly ýyrtyjy guşlaryň ölümleri ekosistemamyza ýaramaz täsirini ýetirýär.
Muny geçirilen bir ylmy barlagyň netijesi bilen delillendireliň: Hindistanyň Ylym instituty tarapyndan Hindistanyň Ghats sebtinde ýelharazlaryň berýän täsirleri öwrendi. Netijede sebitdäki ýyrtyjy guşlaryň sanynyň beýleki sebitlere garanda dört esse azalandygy anyklandy. Bu ýagdaý ýyrtyjy guşlara ýaramaz täsirini ýetirýänem bolsa, maslyk iýýänler üçin oňyn üýtgeşme! Azalýan ýyrtyjy guş populýasiýasyna garşylyklaýyn hažžyk populýasiýasynda artyş göze ildi. Ýelharazlar hažžyklar üçin goragçy funksiýasyny ýerine ýetirip, olara (ýyrtyjy guşlardan) gaçyp-tezip ýörmezden ýaşar ýaly şert döretdi. Emma hažžyklaram öz awlarynyň soňuna çalt çykypdyr we dramatik üýtgeşme emele gelipdir.
Adamzat geçmişde-de başdan geçiren hadysalaryny hasaba alanda, şunyň magadyna ýetdi: ekosistemadaky ýekeje ownuk üýtgeşmäniň netijeleri hemişe uly bolup geldi. Bir görnüşiň ýok bolmagy hemme zady üýtgedip bilýär we bu üýtgeşme oňaýsyz netijelere sebäp bolýar. Ýelharazlaryň netijesi heniz doly ýüze çykyp durmasa-da, bu ýagdaý wagtyň geçmegi bilen ýaramaz

netijelerini görkezse gerek.
Ýelharazlaryň guş ölümlerine sebäp bolmagy olaryň çarhynyň gurluşy bilen baglanyşykly. Esasan üç çarhdan ybarat çarhlaryň uzynlygy 10-200 metr aralygynda üýtgäp durýar. Aňrybaş tizligine ýeten bir ýelharazyň çarhy minutda ortaça 15 gezek aýlanýar. Şol aýlanýan wagtam guşlar gelip çarhlara urulýar. Ýogsa-da, çarhlaryň gurluşuny üýtgedip bolmaýarmyka? Guşlar gelip urulmaz we zyýan görmez ýaly ýelharazlary oýlap tapmagyň pikirini edýän ýokmy?
Meseläni çözmek üçin ses abzallary arkaly guşlaryň sebitden daşlaşdyrylmagy we ýelharazlaryň ýerleşişiniň üýtgedilmegi ýaly birnäçe synanşyklar geçirilip ýör. Eger bu çözgütler netije bermese, ýelharazlaryň gurşawynda sazlaşygyny ýitiren ekosistema bize garaşýar.
Netijede ýelharazlaryň ulanylmagynyň ekosistemamyza ýetirýän zyýanlary jedelli mesele bolsa-da, onuň ulanylmazlygy hem aýry jedelli mesele. Adamzat senagat öwrülşiginiň başyny başlanda, ýola goýan nädogry energetika saýlawynyň netijelerini üýtgetmek üçin bar güýjüni sarp edýär. Ýelharazlaryň ulanylmagy belli bir regiona howp abandyrýan bolsa, onuň ulanylmazlygy tutuş ekosistemany howp astyna alýar. Çünki biziň hemmämiz bir asmanyň astynda ýaşaýarys.

12.11.2018 ý.

Çeşme: popularmechanics.com Haýwanat dünýäsi